# Kireýine jaý gözleýän adam hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Kireýine jaý gözleýän adam hakynda hekaýat Kireýine jaý gözleýän adam hakynda hekaýat

Bir kişi kireýne jaý gözleýärmiş,
Oňam bir ýigrenji ülpedi barmyş.

Abat jaý agtaryp, gynaman janyn,
Eltip alkymyna bir harabanyň,

Diýipdir: «Gadyrdan, oňatja gara,
Munda ne üçek bar, ne-de penjire.

Eger-de şol zatlar bolanlygynda,
Goňşy bolaýmagym ahmal meniň-de.

Ýene-de bir otag bolaýan bolsa,
Bu jaý maşgalaňa ýeterdi boldan.

Daşynda bag dagy bolaýsa ýene,
Seňkä myhmanlyga gelerdim menem.

Şeýleräk ýagdaýda bu görýän jaýyň,
Kemin mundan artyk sanap durmaýyn».

Jaý gözleýän aýdan: «Birahat bolmaň,
Seň oňat niýetiň bardygny bilýän.

Galmasaňam bolar artykmaç derde,
Munda ähli günä şol «egerlerde». Goşgular